# Öwlüýäñ deñinden geçsem…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Öwlüýäñ deñinden geçsem… ÖWLÜÝÄÑ DEÑINDEN GEÇSEM…

Öwlüýäñ deñinden geçsem, –
Tisgindim,
Göýä ýatanlarym algyly menden:
Ýa enem,
Ýa atam,
Ýa-da perzendim,
Ýa-da dostum…
Çekýän ýaly ýeñimden.

Öwlüýäñ deñinden geçsem,
Içimden
(Ynanjyma görä) okaýan doga…
Öwlüýäñ giñeýşime kem-kemden, –
Demigýän… ýetmeýän ýaly deý howa.

Öwlüýäñ deñinden geçsem, –
Duýýaryn:
Hemişelik dymyşlykda – köp many:
«Bize bu ýatanlar – diýýärin –
Hem-ä gowy ýaly,
Hemem köp ýaly…»

Öwlüýäñ deñinden geçsem,
Göwnüme, –
Dünýe – dymyp ýatan haraba ýaly.
Gelseñem-gitseñem alman piñine,
Bir jygyldap barýan araba ýaly…

Öwlüýäñ deñinden geçsem,
Arzuwym: –
«Etjek işlerimi edip ýetişsem,
Mydama deñinden geçip durmaryn…»

…Entekler –
Öwlüýäniñ deñinden geçsem!»

Gurbanýaz DAŞGYNOW. Goşgular